Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2024-nji ýylyň 12-nji martyndaky
№ 20-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 2 bagy-bossan «Baglaryň tutýan meýdany, düýp sany we olaryň ýagdaýy barada hasabat» (ýarym ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 2 bagy-bossan (ýarym ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, banklar, jemgyýetçilik guramalary, welaýatlaryň, Aşgabat ş. we Arkadag ş. häkimlikleri Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine hasabat döwründen soň aýyň 15-ne çenli tabşyrmaly.

№ 2 bagy-bossan (ýarym ýyllyk) formasyny Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna laýyklykda saýaly, pürli, miweli baglaryň we üzümiň düýp nahallarynyň ekilmegini amala aşyrýan ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri doldurýarlar.

Hasabatda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryýň, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleriniň balans hasabynda we balansdan daşary hasabynda duran baglaryň meýdany we sany barada maglumatlar görkezilmeli.

## 1 BÖLÜM. BAGLARYŇ TUTÝAN MEÝDANY WE OLARYŇ SANY

Bu hasabatyň 1-nji sütüninde «Baglaryň hemmesi» ekilen tertibine we wagtyna garamazdan agaçlaryň tutýan meýdany we umumy sany (2+3+4+5+7 sütünleriň jemi) görkezilýär.

01-nji setirde hasabat döwrüň ahyryna baglaryň tutýan umumy meýdany, öňki ýyllarda oturdylan baglaryň meýdanyny goşmak bilen görkezilýär.

02-nji setirde hasabat döwrüň ahyryna ähli oturdylan baglaryň düýp sany, öňki ýyllarda oturdylan baglaryň düýp sanyny goşmak bilen görkezilýär.

03-04-nji setirlerde hasabat döwründe oturdylan baglaryň ekilen meýdany we sany görkezilýär.

05-nji setirde Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň hasabat döwründe edaralara, kärhanalara we beýlekilere goýberen nahallarynyň sany görkezilýär.

Baglar miweli, üzüm, pürli, saýaly, tut we gaýry baglar diýen görnüşlere bölünýär.

Hasabatyň 2-nji sütüninde  ekilen ýerine garamazdan miweli agaçlaryň (alma, armyt, erik, garaly, şetdaly we beýlekiler ) ählisi görkezilýär.

3-nji sütünde ekilen yerine garamazdan, üzüm baglaryň ählisi görkezilýär.

4-nji sütünde ekilen ýerine garamazdan, pürli baglaryň (arça we beýlekiler) ählisi görkezilýär.

5-nji sütünde ekilen ýerine garamazdan, saýaly baglaryň (leýlisaç, ak söwüt we beýlekiler) ählisi görkezilýär.

6-njy sütünde 5-nji sütünden ekilen ýerine garamazdan, tut baglary aýratynlykda görkezilýär.

7-nji sütünde ekilen ýerine garamazdan, gaýry baglaryň (derek we beýlekiler) ählisi görkezilýär.

## 2 BÖLÜM. ÖNÜMÇILIK HARAJATLARY

Bu bölüm oba hojalyk önümleriniň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek, önümçilik harajatlarynyň düzümini öwrenmek üçin zerur görkezijileri öz içine alýar.

01-nji «Baglary oturtmak we ideg etmek üçin çykarylan harajatlar» diýen setirde ministrlikleriň we pudak edaralaryň, banklaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat ş. häkimlikleriniň çykarylan ähli harajatlary görkezilýär.

02-nji «Maddy harajatlar - hemmesi» diýen setirde satyn alynýan tohum we ekilýän nahallar üçin harajatlar, dökün almak we ösümlikleri goramak üçin niýetlenen harajatlar, ýangyç-çalgy serişdeler, ätiýaçlyk şaýlary, energiýanyň, kärhanalaryň suw hojalyk ulgamlaryndan alýan suwy üçin töleg, gaýry kärhanalaryň hyzmatlary üçin tölegler we gaýry harajatlar görkezilýär.

03-nji «tohum we nahal üçin harajatlar» diýen setirde oba hojalyk ekinleriniň ähli görnüşleriniň tohumlary, nahallary, şitilleri (hojalykda öndürileni we satyn alnany) üçin harajatlar görkezilýär.

04-nji «dökünler we ösümlikleri goramak serişdeleri» diýen setirde dökünleri we ösümlikleri goramak serişdelerini satyn almak üçin harajatlar görkezilýär.

05-nji «ýangyç-çalgy serişdeleri» diýen setirde ýangyçlar, ýaglar we çalgy serişdeleri üçin harajatlary görkezilýär.

06-njy «ätiýaçlyk şaýlar» diýen setirde ätiýaçlyk şaýlar üçin çykarylan harajatlar görkezilýär.

07-nji «elektrik-energiýasy» diýen setirde elektroenergiýa üçin tölenýan harajatlar görkezilýär.

08-nji «kärhanalaryň suw hojalyk ulgamlaryndan alýan suwy üçin töleg» diýen setirde suw üçin tölenýan harajatlar görkezilýär.

09-njy «gaýry kärhanalaryň hyzmatlary üçin tölegler» diýen setirde keseki guramalaryň ýerine ýetiren önümçilik häsiýetli işleriniň we hyzmatlarynyň (önümi öndürmek, çig mallary we maddy serişdeleri işläp bejermek boýunça aýratyn işleriň ýerine ýetirilmegi, sarp edilýän çig mallaryň we materiallaryň hilini kesgitlemek üçin barlag geçirmek, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, topragy dermanlamak we beýleki agrotehniki işler, ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirmek we ş.m.) harajatlary görkezilýär.

10-njy «gaýry harajatlar» diýen setirde şu indiki harajatlar görkezilýär: iş sapary üçin harajatlary, kärende tölegleri, bankyň karz göterimleri we maliýe hyzmatlary üçin tölegler, maddy hyzmatlar we gaýry harajatlaryň beýleki görnüşleri.

11-nji «Esasy we maddy däl serişdeleriň ulanyş tutumy» diýen setirde esasy we maddy däl serişdeleriň amortizasiýasy üçin sarp edilýan harajatlar görkezilýär.

12-nji «Zähmet haky üçin harajatlar» diýen setirde önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan, baglary oturtmak we olara ideg etmek bilen meşgul bolýan işgärleriň zähmet haky görkezilýär.

13-nji «Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler» diýen setirde kanun esasynda kesgitlenen kadalara laýyklykda ätiýaçlandyryş edaralaryna hökmany tölegler görkezilýär.

Meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy we kärhanalaryň (guramalaryň) işgärleriniň meýletin ätiýaçlandyrmasynyň tolegleri görkezilmeýär.

14-nji «Damjalaýyn suwaryş ulgamyny ornaşdyrmak üçin düýpli harajatlar» diýen setirde suwaryş ulgamy ornaşdyrmak üçin düýpli maýa goýumlary görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy
we seljerişi müdirligi**